# Ahlaksyzlygyñ köp tarapy bar

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ahlaksyzlygyñ köp tarapy bar **Oguljemal Çaryýewanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Çarşenbe, 31.05.2023 ý.
Has Türkmeniñ «Itden uýada garaşmalymy?!.» makalasynda oýlanara zat kän. Ilki bilen näme üçin şeýle? Ýaşlaryñ, hatda ululary hem aňyny bulaşdyrýan saýtlara girýändigini eşidýäris.
90-njy ýyllarda başga ýurtlardan dürli garaýyşly adamlar kän geldi. Mysal üçin, hindileriñ krişnaid akymyny wagyz edýänler. Olar şeýle owadan we täsirli kitaplaryny mugt paýlaýardylar. Netijede, et iýmän tesbi göterip, bir zatlar sanap ýörenlere kän gabat gelýärdik. Şol döwürde ideologiýanyñ ýoklugy: sowet döwründen ýaňy çykan adamlar her bir täzeligi «garbap» alýardy.
Häzir ýaşlaryñ käbirleri ahlaksyzlyk keseli bilen keselledi. Men diñe uýatsyzlygy aýdamok, ahlaksyzlygyñ köp tarapy bar. Ýöne gül ýaly ýigitlerimiz, gyzlarymyz özüne çekmesin, käte käbir zatlary görende «Hudaý saklasyn, Watanyñ üstüne howp abansa, şulara ýurdy ynanyp bolarmyka?» diýdirýär. Şu ýerde «Ýa demrinden, ýa kömründen» diýen nakyla demirindenem, kömürindenem bar ýaly diýesim gelip dur. Öte geçen bolsam aýyplaşmañ!
Meñ garaýşymça köpräk şeýle zatlaryñ üstünde pikir ýöretmeli.

Täsire gitmez ýaly, ganyňa siňer ýaly bir zatlary tapmaly. Ol türkmeniň ruhy tebigatyna gabat gelýän zat bolmaly. Pyragy köp dinlerden, akymlardan habarly bolup, Allatagalanyň üç müň ady bilen tanyş bolsa-da, şol dinlere hormat edip, yslamyň howasyndan dem alypdyr. Bize okanynda başga garaýyşlara ýyňyp gitmeýän GARAÝYŞLYLAR gerek.
Bize güýçli, milli häsiýetli, ganyňa siňip duran, namys-arly, sylag-hormatly ideologiýa gerek. Onuň kerpijini monjuk çöplän ýaly çöplemeli.
Ol ideologiýa döwlet derejesinde kabul edilip, halka siňmeli. Ýokdan bar etjek bolman, bar zatlarymyzy tapyp, işläp ýaýratmaly.
Hormat bilen Oguljemal ÇARYÝEWA.

- **Awtor hakda**

*Oguljemal Çaryýewa 1953-nji ýylyň 22-nji fewralynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Talhatanbaba obasynda doguldy. Orta mekdebi tamamlandan soň Türkmenabadyň Seýitnazar Seýdi adyndaky pedagogik institutunda okady. 1976-njy ýylda öz okan mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.*
*1978-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Döwlet kitaphanasynda ilki uly kitaphanaçy, soň redaktor, uly redaktor bolup işledi.*
*O.Çaryýewanyň Watan öňünde bitiren hyzmatlary, bitiren işleri göz öňünde tutulyp, ol 1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin», 1999-njy ýylda «Gaýrat» medallary bilen, 2001-nji ýylda «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni, 2010-njy ýylda «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at bilen, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly, 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy» medaly bilen sylaglandy. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň 2003-nji, 2008-nji, 2013-nji ýyllaryndaky ýeňijisidir.*
*O.Çaryýewa häzir Metbugat merkeziniň kitaphanasynyň kitaphanaçysy bolup işleýär.* Nukdaýnazar